# Şermende aýal / hekaýa

Category: Hekaýalar,Kitapcy
написано kitapcy | 21 января, 2025
Şermende aýal / hekaýa

ŞERMENDE AÝAL

Obamyzda bir şermende aýal bar. Bir özi obanyň çetinde ýalňyz ýaşaýar. Ol tüýs şer tapsa, şor islänok. Öňler obamyz şol ýerde eken. Soň her kim bir zatdan tebil tapan ýaly, sypyrlyp-sypyrlyp göçüp gaýdyp, häzirki oturan ýerine göçüp gelipdir. Emma şermende aýal welin, galyberipdir şol öňki ýerinde onuň ýeke-ýalňyz galmagyna-da, anyg-a bilmeýärin welin, megerem, şermendeligi sebäpli bolan bolsa gerek. Onuň hakyky adyny bilýän ýok. Şonuň ýaly-da onuň ilen-galany barada-da hiç kim hiç zat bilenok. Asla onuň biziň obamyza nireden gelip düşeni-de belli däl.
Ýoluň ýakasyndaky guran tudy çapyp durşuma, bilimi ýazmak üçin dikeldim. Birdenem şermendäniň tüweleý ýaly tozan turzup gelşine gözüm düşdi. Eger-eger oňurgam ýazýanam bolsa, geçiş gidinçä işimi dowam etmegi makul bildim. Onuň galgap, gözlerini elek-çelek edip gelşi howuňy basýar. Onuň aldajy gözleri bilen çar tarapa ýiti-ýiti seredip gelşi, buz üstünden tozan aramaga bahana gözleýändigine aýdyň şaýatlyk edýär.
Başymy galdyrman tut çapyp durşuma Hudaý ýoluna aýtmadyk zadym galmady. Tanyş-u nätanyş pygamberlerimiň, perişdelerimiz adyny tutup, kömege çagyrýan. Ýöne bolmajak bolsa bolmaz ekeni. Görýän weli, Hudaýam dokmäderäk ýaly.
Şermende aýal deňime gelende çapyp oturan tutumdan gelende çapyp oturan tutumdan dyrnak ýalyjagy baryp, göni onuň ýüzüne degäýmezmi. Sakga turdy. Tormozy-ha gowy ekeni. Uruşjak horaz ýaly ellerini bahynyna diräp, absarylyp durdy. Men gözümiň gytagy bilen görüp dursam-da, görmezlige salýan, başymy galdyrman işleýän. Onuň gazaply ardynjyramasyndan iýnim tikenekläp gitdi. Başymy galdyryp, ýasama ýylgyrýan. Başardygymdan mylaýymsyrap salam berdim. Ýöne salamym

alynmady. Ol otluklu mazarlaryny maňa dikdi.
-Senjagaz indi meni gözsüz goýup, ýagty jahany görmekden dyndyrjak bolýamyň? Sen muny bilgeşleýin etdiň. Bilmeýändir öýdýäňmi? Ýo-ok, asynna ýylan gäwiş gaýtarsa, bilýändirin men. Eger bilgeşleýin etmedik bolsaň, men geçip gidýänçäm goýardyň işiňi.
Men oňa belet. Özi ýadap, özi goýaýmasa, başga alajy ýok oň. Emma ol goýjaga asla meňzänok, gaýta barha möwç alýar. Näme etmei? Biz zat diýseňem-ä ýanybilmän duran oduň üstüne nepýag sepen ýaly boljak. Men onuň gitmejegine gözüm ýetdi.
-Jan daýza, düşün…
Ol sözümi soňlatmady
-Nirden men seň daýzaň bolýamyşym? Haçandan bäri sen maňa ýegensiräp ýörsüň?Aljyratdym. Näme diýjegimi bilemok. Ýuwdunyp durun. Gowusy, başgaça çemeleşip göreýin. Gowusy, başgaça çemeleşip göreýin.
-bagyşlaň, obadaş, bil…
-Näme, mäne?!Heniz daşyň guramadyk halyňa meniň üstümden güljek bolýamyň? Men seň ýaljaklaň tutjak guşuny bir mahal ütüp goýdum…
Indi geplemeden geçdim. Başymy gutarsam razy. Deňimizden geçýänlerem aňyrsyna bakyp, ýylgyryp geçýä. Şermendäniň öz boýunlaryndan ilerinden heder edýärler. Meň olardan hiç zady gaty göremok. Özümem şolaryň ýerine bolsam şeýderdim. Hawa, hut şeýderdim.
Eger-de obamyza täzelikde göçüp gelen biri “dadyma ýetişäýmedik” bolsa, “daýza-ýegeniň bu söhbetdeşliginiň” soňunyň näme bilen gutarjagy belli däl. Ol aňyrdan gelşine salam berip:
-Arma-da! Işler neneň?-diýip geçiberjekboldy
Menden “lezzet” alyp bilmän, pursat arap duran şermende, bada-bat onuň ýakasyndan ildi.
-Geliniňe iki günem bolonok welin, gelmişek halyňa üstümizden güljek bolýamyň? Dekje gezseň, dokja-ha gezersiň. Ýogsam yzyňyz ýel çalmanka göçürin.
Ol hiç zada düşünmän, äm-säm bolup dur. Bir zatlar diýjek bolýa, ýöne şermende gezek bererli däl. Agzynam açdyranok. Men

belaňöz başymdan sowlanyma begensemem, ol ýigiň başyndan inenine welin, juda gynanýan. Ýöne “ody” täzeden öz üstüme almaga welin, bognum ynanok. Bolmajagyna gözi ýeten ýigit elini salga-da, öz ýoluna didiberdi. Şermende-de “tupan turzup” düşüberdi yzyna. Men olaryň ýanyndan aýrylaryna möhetdel, ýumlugaýdym öýe tarap. Men täze göçüp gelen ýigidiň ondan nädip sypanyna-ha bilemok, ýöne onuň biziň obamyzy terk edip gidenini soň eşidip galdym. Şermende aýal sözünde tapyldy.

Kakabaý ÇARYÝEW.

Hekaýalar